# «Ýagmyr ýagdyr, Soltanym!»

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Ýagmyr ýagdyr, Soltanym!" “ÝAGMYR ÝAGDYR, SOLTANYM!»

“Alla jan, hudaý jan, ýagyş ýagdyr, Alla jan, ýagyş ýagdyr!… Burkut diwana, ýagyş ýagdyr! … Çöllere ot bitir, mallaryň garny doýar. Alla jan, hudaý jan, ýagyş ýagdyr, ýagmyr ýagdyr!”
Alty-ýedi ýaşly oglankak obanyň kirşenli köçesinde oturyp, bu sözleri irginsiz gaýtalaýardyk. Çagalary ýygnan aksakgal goja aýt- maly sözlerimizi agzymyza salyp berýärdi. “Gygyryň, siziň sesiňiz keramatly, güýçli Alla çalt ýeter, enşalla. Bulut ýagmaz, buýruk ýagar” diýýärdi. “Pylan byrgadyr Garadüwrüniň depesinde Burkuda çebiş daňypdyr” diýip, adamlar açyk asmany gara buludyň tutaryna garaşýardylar. Biz o mahallar dünýäniň başga ýerlerinde-de şeýdilip ýagyş dilenýäninden bihabardyk. Ýagyşyň piri Burkut diwana, ýeliň piri Mirihaýdar diňe özümize degişli ýalydy. Gije güýçli ýel turup, tüýnügine direg urlan, iki böwrüne çöwüş edilen gara öýmüziň süňňi elenýärkä, ýorganyň içinde düwdek bolup ýatyşymyza Mirihaýdardan rehim dileýärdik.
Ilkidurmuş adamlaryndan ýagyş bilen bagly galan belgiler, indi düşünip oturSak, biziň senetçilerimiziň ýasan zatlarynda-da bar ekeni. Iň bärkisi, küýzäni alyp görüň. Onuň görnüşi size aýalyň keş- bini ýatladar. Bu ýerde hiç hili tötänlik ýok, asyl manysy örän esasly, gadym zamanyň ynançlarynda beýanyny tapýar. Hindistanda häzirem suw saklanýan gaplaryň aýal obrazyna degişlidigine ynanylýar
Neolit zamanynda gaplaryň ýüzüni gönümel hem tolkunly çyzyklar bilen bezäpdirler. Ol tutuşlugyna asmana erk edýän Beýik Aýal hudaýyň keşbini emele getirýär, çyzyklar onuň buýrugyndan dörän ýagyşy aňladýar. Şol gaplaryň arasynda bize meşhury küýze.
Tamdyrda bişýän türkmen çöregini alyp göreliň. Ahal sebitlerinde köplenç çöregiň ýüzüne bäş barmagyň yzy bilen

tolkunly çyzyk çekilýär. Galan ýerde dürtgüç urulýar, nokatlar bilen bezelýär. Bu belgiler ilkidurmuş zamanyndan bäri ýagyşy aňladyp gelipdir. Onda tegelek çöregiň özüne näme diýmeli? Elbetde, asmanyň, onuň Beýik Aýal hudaýynyň nyşany diýmeli.
“Mif we simwoldaky” pikirlere salgylansak, tolkun görnüşli çyzyklardan dörän nagyşyň ýigrimi müň ýyl töweregi ýaşy bar. Bu nagyş biziň eýýämimizden öňki 3-2 müňünji ýyllardaky Ýewropa hem Günbatar Aziýa küýzegärlik senetinde-de häli-şindi duş gelýär. Ol ýagyşy aňladypdyr. Adamlar güni däl-de ýagyşy diläpdirler, sebäbi neolit zamanynda howa has yssy bolupdyr. Çöregiň ýüzüne çyzyk, nokat şekilde ýagyşyň belgisiniň goýulmagy, belki, ýagyş diläp hudaýyň ýoluna zat aýtmak bilen baglydyr.
Türkmen zergärleri heýkeliň bagyna bezeg üçin ortasyna nokat goýlan iki aýlawly şaý berkidýärler. Munuň nämäni aňladýanyny on-ýigrimi müň ýyl ozal dörän paleolit simwollaryna salgylanyp aýtsa bolar. Ortasy nokatly aýlawyň bir manysy çişen däne tohumy, ikinjisi ýagyşyň eýesi bolan asman hudaýynyň nyşany.
W.Masson bilen W.Sarianidiniň “Garagum: Siwilizasiýanyň daňy”kitabynda Türkmenistanda Ýalaňaç depeden tapylan, biziň eýýä- mimizden dört müň ýyl ozalky göksüýri medeniýetiniň gülläp ösen döwrüne degişli aýal heýkeliniň suraty berlipdir. Heýkel reňkli palçykdan ýasalyp, bişirlipdir. Awtorlar aýalyň ýumry budunyň gapdal tarapyna hatar edilip çekilen ortasy nokatly iki öwrüm tegelege üns berip, olaryň Güni aňladýan belgi bolmagy ähtimal diýen netijä gel- ýärler. Şol bir mahalda-da bu heýkelde topraga bereket, hasyl eçilýän Aýal hudaýynyň obrazynyň berlendigini aýdýarlar. Eger bu belginiň ýokarda aýdylan heýkel bagynyň ýüzündäki nagyşa doly gabat gelýändigini nazarda tutsak, onuň Güni aňlatman, Asmana zemine erk edýän Aýal hudaýynyň gudraty bilen gögerýän däne tohumy hakyndaky gadymy ynanjy aňladýar diýse bolar.
Haýran galaýmaly nepislik bilen ýasalan çekelige syn etseňiz-le Göze dürtülip duran iňňän owadan aýal şekiliniň Asman hudaýydygyna şübhe etjek tapylar öýdemok. Şekili ýokardan aşak üç sany hakyk daşy bezeýär. Olaryň biri aýalyň ýüzi, ikinjisi göwsi, üçünjisi çaganyň döreýän ýeri, ýatgy. Aşak gaýdýan

tegelek çaňňalaryň hatary ýagyş damjalaryň hatary ahyry! Ýagyş Asman hudaýyndan gaýdýar.
Dünýäde ýagyş bilen bagly yrymlaryň ( ritiual ) döreýşi gadymy olaryň berjaý edilişi dürli bolsa-da, asyl manysy bütewi. Ýagyşa emr edýän hudaýlaryň, pirleriň atlary her halkda, taýpada üýtgeşik bol- salar-da, olaryň wezipesi bir meňzeş. Men muny J. Frezeriň “Altyn şaha”, E.Taýloryň “Ilkidurmuş medeniýeti” diýen kitaplaryna salgylanyp aýdýaryn, şoňa esaslanyp hem gürrüňi dowam etmekçi.
Ilkidurmuş jemgyýetinde jadylyk, jadygöýlik örän uly rol oýnap- dyr. Onuň esasy wezipesiniň biri-de howa bilen bagly hadysalara erk etmek, ony adamlaryň islegine görä dolandyrmak bolupdyr. Adamlaryň ýöntem düşünjeleri entek hudaýlary döretmek derejesi- ne ýetmändir. Olar tebigata höküm edip biljek güýji jadygöýleriň başarnygynda görüpdirler. Jadygöýler özlerine ynanjy artdyryp, soň ra gazanylan ynanjy taýpadaşlarynyň üstünden häkimlik etmek üçin ulanmagy başarypdyrlar, serdarlyk derejesine göterilip bilipdirler.
Suw ýaşaýyş üçin iň zerur zatlaryň biri. Dünýäniň köp ýerinde onuň bolçulygy ygalyň ýagyş mukdaryna bagly. Ygal ýagdyrmak jadygöýlerden edilýän esasy talap bolupdyr. Olar diňe bir ýagyş ýagdyrmak däl, ony goýdurmagy-da başarmaly ekeni. Özleriniň gudratyny taýpadaşlaryna ynandyrmakdan ötri, olaryň neneňsi oýunlara baş urandyklaryna haýran galaýmaly. Jadygöý agzy bilen suwly tur-bany tutup tans edip başlaýar. Soňra asmanyň bulutly bölegine ta- rap turbany çenäp, güýç bilen üfleýär, turbanyň deşiklerinden suw pürkülýär. Bu hereketi bilen ol ýagyş gerekdigini bulutlara düşündirýär. Eger ýagynsyz howa buýrulmaly bolsa, tamyň üçegine çykyp, bulutlara gahar bilen elini bulap, gapdaldan geçip gitmegi tabşyr-ýar. Ýa-da otly kesindiniň üstüne suw sepýärler, suwuň bugaryp gi- dişi ýaly bulutlaram pytrap gitmeli.
Jadygöýüň asmana hökümi ýöremän, gurakçylyk bolup, azyk ýetmezçiligi dörän halatynda taýpadaşlarynyň gaharyndan sypmak oňa başartmandyr. Pajygaly ýagdaýda onuň serdardygyna-da seredip durman, jogap talap edipdirler. Afrikada şeýle ýagdaýa düşen serdarlary ýa-ha güm edip kowupdyrlar, ýa-da

öldüripdirler. Günbatar Afrikada taýpanyň serdaryna serpaý ýapylyp, oňa sejde edilip gelnendigine garamazdan, gurakçylyk bolaýsa, onuň elini daňyp, boýnuna ýüp salyp, ötenleriň mazarynyň başyna eltipdirler, ol merhumlardan ýagyş dilemeli bolupdyr.

Men ýokarda çagakak ýagyş diläp Allanyň adyna aýdan sözlerimizi getirdim. Finler asman hudaýy Ukka ýüzlenip şeýle diýipdirler: “Eý, Ukko, sen biziň depämizdäkki hudaý, sen asmanyň atasy, sen bulutlaryň ýurduna hökümiňi ýöredýärsiň, sen kiçijek bulut guzyjyklaryny bakýarsyň! Sen bize asmandan ýagyş ýolla, bulutlary mejbur et, goý, olardan bal damsyn. Göwnejaý biten bugdaý, guş-gursak däneden dolan agyr başlaryny egip, bereketden hoşal bolup şemalyň ugryna ygşyllasynlar”.

Antik zamanlarynda grekler Olimp dagynyň depesinde mesgen tutan baş hudaýlary Zewsden ýagyş diläp, doga aýdar ekenler: “Eziz, mähriban Zews, asmandan ýagyş sepele, afinileriň şüdügärle- rini, düzdäki meýdanlary topraga derman damjalaryň bilen suwa-ryp çyk! “. Dünýä halklarynyň köpüsine mahsus bu däbiň türkmenlere-de degişlidigini Magtymgulynyň “ Ýagmyr ýagdyr, soltanym” şygry aýan edýär: Seniň dek kadyrdan dileg dilärin,

Rehim eýleýip, ýagmyr ýagdyr, soltanym!
Garybam, gamgynam, nalyş eýlärin,
Rehm eýleýip, ýagmyr ýagdyr, soltanym!

Adamlar diňe dileg bilen oňmandyr, ýagyşyň ýoluna dürli haýwany gurban beripdirler. Gündogar Afrikanyň bir taýpasynda jadygöý ýagyş ýagdyrmagyň aladasy bilen günüň ýiti şöhlesiniň astynda gamyş kepbäniň üçegine gara goýun bilen gara göläni çykaryp, olaryň garnyny ýaryp, iç goşlaryny çar tarapa zyňypdyrlar. Soňra derman-däri garylan suwy gaba guýýar. Eger jadysy ýerine düşen bolsa, gap- daky suw gaýnap başlamaly, asmany bulut tutup, ýagyş ýagmaly.

Başga bir taýpanyň adamlary ýagyş küýsäp, merhumlaryň mazaryna gara guşy, gara goýny, gara sygry getirip gurban beripdirler Ýagyş dileýänler gara geýnipdirler. Hindistanyň Assam welaýatynda garo diýen taýpa gurakçylyk bolanda belent dagyň depesinde gurban berlen gara geçini daňypdyrlar. Ähli ýerde

haýwanlaryň gara- synyň saýlanmagy , adamlaryň geýinmekleri bir isleg bilen edilipdir ýagny, gara reňk asmany-da garaltmaly, gara bulutlar örtmeli.
Türkmenler ýagyşyň piri Burkudyň ýoluna köplenç gara çebiş daňýarlar, düzde daňanoklar, depä çykaryp daňmaly. Elbetde, ýagyş asmandan dilenýär, şonuň üçin hem gurban edilýän haýwanyň as- mana ýakyn bolmalydygy düşnükli. Golaý goltumda belentligiň bolmadyk halatynda, afrikalylaryň edişleri ýaly jaýyň üçegine çykaraý- maly bolar. Garaşsyzlyk jar edilenden soň, Türkmenistanda “ateiz- miň zulumyndan halas bolan” oba hojalyk ministri Burkuda aýdylan çebişi şäheriň ortasynda, ministrligiň jaýynyň depesinde daňanmyş diýip gürrüň etdiler. Bu gürrüň ýalanmy-çynmy, onçasyny bilemzok, eger bolaýan halatynda: bäh, ol ministriňem garagollygy Burkut di- wanyňkyça bar eken-ow diýse bolar.
Ýene bir ýagdaýa ünsi çekmekçi bolýaryn. Türkmenlerde gur- ban berilýän janly Allanyň ýoluna goýun aýdylýar. Burkut diwana- dan ýagyş dilenende geçi, çebiş daňylýar. Janawary daňylmazdan öň aç, suwsuz saklaýarlar. Daňylanda zaryn gygyryp, lägirip, ýüre- ge düşgünç sesini Burkudyň gulagyna ýetirer öýdüpdirler. Ýagyş ýa- gyp başladygy geçini soýup, nahar taýýarlapdyrlar. Burkutdan min- netdar bolup, aýat-töwür edilipdir.

“Dünýä halklarynyň mifleri” diýen ensiklopediýada ýazylyşy- na görä, Burkut baba, ýa-da Burkut diwana türkmenlerde ýagyşyň “hojaýyny” hasap edilýär, bu kult gelip çykyşy boýunça yslamdan öňki zamanlara degişlidir. Bu obrazda gadymy çomrularyň hudaýlary bilen şaman hudaýlarynyň garyndysy bar. Burkut diwana bulutlary gamçylap kowmagy başarýar, gamçysynyň sesinden gök gürle- ýär, gamçysyndan ýalyn çabyraýar, ýyldyrym çakýar diýip düşünipdirler. W. Basilowyň “Yslamda keramatlylaryň kulty” diýen kitabynda Burkut diwana bilen bagly il arasynda aýdylýan rowaýatlaryň bir näçesi berlipdir. Olary okanyňda şeýle bir pikir kelläňe gelýär: bu rowaýatlar, belki, yslamyň irki döwürlerinde dörändir? Halk aňyrdan gelýän keramatlysynyň gudratyny peseltmek islemändir, ony täze diniň, ýagny, yslamyň perişdeleri, pygamberleri bilen

bäsleşdidiripdir. Ýokarda Burkut diwananyň garagollygyny ýaňzytdyk. Dogrudan-da oňa diwanalara mahsus garagollyk, hötjetlik häsiýeti berlipdir. Ol Musa pygamber, Ezraýyl bilen dawalaşmaga çekinenok, gudratyny olardan birjikde pes görenok. Bir bendäniň ýeke ogly bar ekeni. Ezraýyl onuň janyny almaga gelýär. “Ýeke perzendime degme, rehim et!” diýip, ene biçäre zar edýär. Ezraýyl gulak asanok. Bu rehimsizlige gahary gelen Burkut asmana göterilýär, Ezraýyl perişdäniň ýoluny kesýär. “Oglanyň janyny gaýtaryp ber!” diýip, azm urýar. Perişde edenok. Burkut onuň elindäki çüýşäni döwýär, çüýşede ýedi adamyň jany bar ekeni, olaram halas bolýar. Ezraýyl Alla arz edýär. Alla: “Ol däli-diwanadyr, oňa gulak asaýmaly ekeniň-dä. Ýedi jan bilen sypanyňa şükür et, hernä, özüňe zat bolmandyr” diýýär.

Burkut has mojugyny tutýar, Alla bilen gudratyny deňeşdirmegiň ýoluna düşýär. “Otlaryň gök salmagy meniň keramatyma bagly, men topragy ýagyş bilen suwarýan diýýär. Alla: “Hany göreli-dä” diýenmiş. Bir ýyl ýagyş ýagýar, ýöne otlar gök salanok. Soňkusy ýyl asmandan bir damja-da dammandyr, şonda-da çöllere çenli gök ota basyrlypdyr. Asyl Allanyň gudraty bilen ýerasty suwlar ýüze galaýsa nätjek! Burkut Alla ýüzlenip: “Men saňa boýun boldum” diýipdir.

Rowaýatyň bu soňlamasynda yslamyň doly ykrar edilmesi bar .

Emma halk asmany lerzana getirmegi başarýan garagol Burkudy unutmandyr, altyn dänesine barabar ýagyş damjalaryny Zemine indermek gudratynyň oňa mahsusdygyna ynanyp gelipdir.

Tirkiş JUMAGELDI.